Türkmenistanyň Maliýe we
ykdysadyýet ministrliginiň
Yuridik şahslary we maýa goýum
taslamalary döwlet tarapyndan
belligé almak bölümi tarapyndan

№26081258
«20» 02. 2018 ý.

**BELLIGE ALYNDY**

# Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Tertipnamasy

Hukuk salgysy:
Aşgabat şäheri, Köpetdag etraby, Garaşsyzlyk şaýoly, 104

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Tertipnamasy 1995-nji ýylyň 28-nji aprelinde Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň I dörediji gurultaýynda kabul edildi.

Tertipnama üýtgetmeler we goşmaçalar Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň 2017-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky karary esasynda girizildi

# TÜRKMENISTANYŇ KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARYNYŇ TERTIPNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary (mundan beýläk – kärdeşler arkalaşyklary) öz agzalarynyň zähmet, durmuş-ykdysady hukuklaryny we bähbitlerini aýan etmek, durmuşa geçirmek hem-de goramak üçin kärhanalarda, edaralarda, guramalarda we okuw mekdeplerinde (mundan beýläk - kärhana) özleriniň kärleri boýunça umumy bähbitleri bolan raýatlaryň meýletin birikmesidir.

2. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, "Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň Kanunlaryna we şu Tertipnama laýyklykda hem-de Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen halkara hukugynyň ýörelgelerine esaslanyp, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Döwlet adam üçindir!" diýen esasy ýörelgesinden ugur alyp, öz wezipelerini amala aşyrmak maksady bilen Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýärler.

Kärdeşler arkalaşyklary umumadamzat gymmatlyklary ugrunda çykyş edýärler, Türkmenistanyň demokratik, hukuk, dünýewi döwlet hökmünde berkemegine ýardam berýärler.

3. Kärdeşler arkalaşyklary syýasy maksat tutmaýan, özbaşdak, garaşsyz, öz - özüni dolandyrýan jemgyýetçilik birleşigi bolmak bilen, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji edaralary, iş berijiler, jemgyýetçilik birleşikleri bilen gatnaşyklaryny deň hukukly hyzmatdaşlyk we özara hoşniýetli düşünişmek ýörelgelerinde guraýar.

4. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kärdeşler arkalaşyklary daşary ýurtlaryň kärdeşler arkalaşyklary, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň halkara birleşmeleri bilen aragatnaşyk saklaýar we hyzmatdaşlyk edýär.

5. Kärdeşler arkalaşyklary öz agzalarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak boýunça tertipnamalaýyn maksatlaryny durmuşa geçirmekde ýurdumyzyň kärdeşler arkalaşyklarynyň hereketinde bitewiligi berkitmek, şeýle hem ähli guramalaryna we edaralaryna ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezini (mundan beýläk – Milli merkez) döredýär.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň türkmen dilindäki ady:
a) doly ady: "Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary"
b) gysgaldylan ady: "TKA"
Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň rus dilindäki ady:
a) doly ady: «Профессиональные союзы Туркменистана»
b) gysgaldylan ady: «ПСТ»
Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň iňlis dilindäki ady:
a) doly ady: "Trade Unions of Turkmenistan"
b) gysgaldylan ady: "TUT"

6. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň öz emblemasy we nyşanlary bardyr.

Emblemanyň ýokarky böleginiň ýaşyl düşeginde, ýarym aýlaw görnüşde ak reňkde **"TÜRKMENISTANYŇ KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARY"** diýlip birleşmäniň ady görkezilen. Emblemanyň aşaky böleginde açylyp goýlan ak reňkli

kitabyň we onuň ýokarsynda ýerleşdirilen altynsow reňkdäki ak bugdaý sümbüliniň on iki dişli ak teker görnüşli halka bilen jäheklenmegi ägirt mümkinçilikleri bolan bereketli türkmen topragyndaky bolçulygy we innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy esasynda ýurdumyzyň diňe öňe, ösüşleriň täze belentliklerine tarap okgunly hereket edýändigini aňladýar.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň emblemasy öz agzalarynyň kanuny hukuklaryny goraýan, jemgyýetimizde agzybirligiň we jebisligiň berkemegi, milli demokratiýanyň çuňlaşdyrylmagy ugrunda çykyş edýän, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine goşant goşýan we kärleri boýunça umumy bähbitleri bolan raýatlaryň meýletin birleşmesidigini aňladýar nyşandyr.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň hukuk salgysy: 744000, Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Köpetdag etraby, Garaşsyzlyk şaýoly, 104.

## II. Kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalary, olaryň hukuklary we borçlary

7. Şu Tertipnamany ykrar edýän we ýerine ýetirýän, kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynda agzalykda durýan, agzalyk tölegini töleýän Türkmenistanyň islendik raýaty kärdeşler arkalaşygynyň agzasy bolup biler.

8. Kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalygyna şahsy arza esasynda kärdeşler arkalaşygynyň toparynyň, ilkinji guramasynyň ýygnagynda ýa-da komitetiniň mejlisinde kabul edilýär. Kärdeşler arkalaşyklaryna kabul edilenlere bellenen nusgadaky agzalyk şahadatnamasy gowşurylýar.

9. Kärdeşler arkalaşygynyň birinden beýlekisine geçende, wagtlaýyn ýa-da bütinleý işini bes edende, kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasy bilen aragatnaşyk saklan şertlerinde kärdeşler arkalaşyklarynyň agzasynyň agzalyga bolan hukugy saklanyp galýar.

10. Kärdeşler arkalaşygynyň agzasynyň aşakdakylara hukugy bardyr:

- häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, iş berijileriň öňünde öz kanuny hukuklaryny, bähbitlerini goramak we olara wekilçilik etdirmek üçin kärdeşler arkalaşyklarynyň islendik guramasyna ýüz tutmaga;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň durmuş arkalaşyk kömeginden we goldawyndan peýdalanmaga, edaralaryndan mugt hukuk, beýleki kömekleri we maslahatlary almaga;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalaryna we edaralaryna hödürlemäge, saýlamaga we saýlanmaga;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň ýygnaklarynda, mejlislerinde, konferensiýalarynda, gurultaýlarynda we köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde kärdeşler arkalaşyklarynyň işi baradaky meseleleri erkin ara alyp maslahatlaşmaga;
- karar kabul edilýänçä öz pikirinde durmaga we olaryň işini gowulandyrmak boýunça teklip girizmäge;
- şahsy arzasynyň esasynda kärdeşler arkalaşyklaryndan meýletin çykmaga.

11. Kärdeşler arkalaşyklarynyň agzasy aşakdakylara borçludyr:

- şu Tertipnamany berjaý etmäge we kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň kararlaryny ýerine ýetirmäge;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalary bilen iş berijileriň arasyndaky baglaşylan köpçülikleýin şertnamalar ýa-da ylalaşyklar boýunça borçlaryny ýerine ýetirmäge, ak ýürekden zähmet çekmäge;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň işine işjeň gatnaşmaga;

-kärdeşler arkalaşyklarynyň hereketiniň bitewiligine zyýan ýetirýän hereketlere ýol bermezlige;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalyk töleglerini tölemäge;

- şu Tertipnamadan gelip çykýan beýleki borçlary berjaý etmäge.

12. Kärdeşler arkalaşyklaryndaky janypkeş çekilen zähmet Milli merkeziň Hormat haty, kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň beýleki sylaglary bilen bellenip bilner.

13. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň we olaryň edaralarynyň tertipnamalaýyn talaplaryny ýerine ýetirişi, şeýle hem olaryň bähbitlerine dahylly beýleki meseleler boýunça kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalaryny diňlemäge hukuklary bardyr.

14. Azatlykdan mahrum edilen kärdeşler arkalaşygynyň agzalygyndan çykarylýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýa-da kazyýet tarapyndan iş kesilenlik aýby aýrylan hasap edilen halatynda kärdeşler arkalaşyklaryndan çykarylan raýat umumy esaslarda agzalyga kabul edilip bilner.

## III. Kärdeşler arkalaşyklarynyň maksatlary, umumy wezipeleri we ygtyýarlyklary

15. Kärdeşler arkalaşyklary öz agzalarynyň zähmet, durmuş-ykdysady hukuklaryny we bähbitlerini aýan etmek, durmuşa geçirmek hem-de goramak baradaky maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin ilkinji guramalarynyň, pudaklaýyn Geňeşleriniň, çäk birleşmeleriniň, Milli merkeziň üsti bilen şu aşakdaky esasy wezipeleri, ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar:

-.Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň durmuş-ykdysady, zähmet we beýleki hukuklaryna we bähbitlerine wekilçilik edýärler hem-de olary goraýarlar;

- öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda eýeçiligiň görnüşine garamazdan, iş berijiler bilen kärhanalarda, guramalarda we edaralarda, işgärleriň adyndan köpçülikleýin şertnamalary, şeýle hem pudaklaýyn ylalaşyklary we ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary bilen ylalaşyklary düzmäge gatnaşýarlar hem-de olary baglaşýarlar;

- şertnamalara, ylalaşyklara önümçiligi ösdürmek, iş bilen üpjün etmek, işiň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmak, zähmetiň dogry guralyşyny, çekilen zähmete laýyk hem-de öz wagtynda hak tölenilişini üpjün etmek, işgärler üçin howpsuz hem sagdyn iş şertlerini döretmek, olar we maşgala agzalary üçin ýaşaýyş jaý, dynç alyş, saglygyny dikeldiş şertlerini gowulandyrmak barada kadalaryň we düzgünleriň girizilmegini gazanýarlar, şertnamalaryň we ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişine gözegçilik edýärler;

-Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagynyň we gözegçiliginiň amala aşyrylmagyna gatnaşýarlar;

- öz agzalaryna maddy arkalaşyk kömegini berýärler;

- jemgyýetde sagdyn durmuşy, ruhubelentligi, päkize ahlaklylygy, agzybirligi we jebisligi berkarar etmäge gatnaşýarlar;

- öz guramalaryna we edaralaryna guramaçylyk, usulyýet, maslahat we beýleki kömekleri berýärler, işgärlerini we işewür toparlaryny okatmaklygy guraýarlar;

- şu Tertipnamadan we Türkmenistanyň kanunçylygyndan gelip çykýan beýleki wezipeleri we borçlary berjaý edýärler.

Kärdeşler arkalaşyklary öz tertipnamalaýyn wezipelerini ýerine ýetirenlerinde Türkmenistanyň kanunlaryny berjaý etmäge borçludyrlar.

16. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň we edaralarynyň şu aşakdakylara hem hukugy bardyr:

- eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalardan, iş berijilerden işgärleriň ýaşaýyş jaý-durmuş şertleriniň ýagdaýy we durmuş goraglylygynyň derejesi barada, şeýle hem olaryň bähbitlerine we hukuklaryna dahylly beýleki meseleler barada gerekli maglumatlary almaga;

- Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklarynyň berjaý edilişine, durmuş-ykdysady ýagdaýlaryna dahylly Türkmenistanyň kanunlarynyň we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp düzmäge we seljermäge gatnaşmaga;

- Türkmenistanyň kanunlaryna garşy gelýän, işgärleriň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini çäklendirýän dolandyryş çözgütlerini ýatyrmak ýa-da wagtlaýyn togtatmak barada döwlet edaralaryna, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryna teklip girizmäge.

17. Kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly guramalary we edaralary esasy tertipnamalaýyn wezipeleriniň we ygtyýarlyklarynyň çäklerinde öz aşaky guramalaryna we edaralaryna käbir hukuklaryny geçirip bilerler.

## IV. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramaçylyk gurluşynyň ýörelgeleri

18. Kärdeşler arkalaşyklary öz işlerini we özara gatnaşyklaryny aşakdaky ýörelgelere laýyklykda guraýarlar:

- işgärleriň kanuny bähbitleriniň hatyrasyna kärdeşler arkalaşyklarynyň bitewiligi we arkalaşygy;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň ähli agzalarynyň we guramalarynyň Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň işine deňhukukly gatnaşygy;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň saýlawlylygy;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokarky guramalarynyň kararlarynyň aşaky guramalar we edaralar üçin ýerine ýetirilmeginiň hökmanylygy we aşaky guramalarynyň ýokarky guramalaryň öňünde wagtly-wagtynda hasabatlylygy;

- azlygyň bähbitlerini, olaryň öz garaýyşlaryny düşündirmäge bolan hukuklaryny hormatlamak;

- şu Tertipnamany we kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokarky guramalarynyň kararlaryny berjaý etmekde kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň, olaryň ýolbaşçylarynyň hut özleriniň jogapkärçiligi.

19. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramaçylyk gurluşy önümçilik-pudaklaýyn we ýerli ýörelgeleriň sazlaşygyna esaslanýar we aşakdaky birleşmeleri özünde jemleýär:

- kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalaryny;
- pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklaryny;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmelerini;
-Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezini.

Olarda gündelik işi alyp barmak üçin işgärlerine hak tölenýän edaralary döredilip bilner.

20. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynyň ýokary edarasy ýygnakdyr (konferensiýadyr), pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklary üçin konferensiýadyr.

Kärdeşler arkalaşyklary üçin ýokary ýolbaşçy edara gurultaýdyr. Bu edaralaryň ygtyýarlyklary şu Tertipnama we Milli merkeziň beýleki resminamalary bilen kesgitlenýär.

Ilkinji guramanyň konferensiýasynyň wekillerini saýlamagyň tertibini we olaryň san düzümini ilkinji guramanyň komiteti, pudaklaýyn kärdeşler arkalaşygynyň konferensiýasynyňkyny, TKA-nyň gurultaýynyňkyny bolsa Milli merkez kesgitleýär.

21. Eger-de, kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň, saýlawly edaralarynyň agzalarynyň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, kärdeşler arkalaşyklarynyň ýygnaklary, mejlisleri ygtyýarly hasap edilýär.

Eger-de, saýlanan wekilleriň azyndan 2/3 (üçden ikisi) gatnaşýan bolsa, kärdeşler arkalaşyklarynyň konferensiýalary, gurultaýlary ygtyýarly hasap edilýär.

Zerur mukdardaky adam sany ýeterlik bolup, ýygnaga gatnaşýanlaryň, konferensiýanyň, gurultaýyň wekilleriniň, kärdeşler arkalaşygynyň saýlawly edarasynyň agzalarynyň ýarysyndan köpüsi ses beren bolsa, karar kabul edilen hasaplanylýar (şu tertipnamanyň 47-nji, 53-nji we 65-nji bölümlerinden özgesi).

Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasynyň hasabat-saýlaw ýygnagy (konferensiýasy) guramanyň başlygynyň ýa-da komitetiniň we derňew toparynyň işi baradaky hasabatlaryny diňleýär, olaryň täze düzümini saýlaýar we geljek döwür üçin işiň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

22. Kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly edarasyny döretmek, onuň agzalaryny gös-göni ýygnakda, konferensiýada, gurultaýda teklip etmek we saýlamak ýa-da kärdeşler arkalaşyklarynyň degişli ýokarky edarasynyň bellän sanyna we tertibine laýyklykda saýlawly edaranyň agzalygyna wekil ibermek arkaly amala aşyrylýar.

23. Kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly edarasynyň saýlawynyň tertibi, onuň san düzümi we ses bermegiň görnüşi kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasynyň ýygnagyna gatnaşýan kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň, konferensiýa, gurultaýa gatnaşýan wekilleriň sesleriniň köplügi bilen kesgitlenilýär.

24. Kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly edaralarynyň saýlawynda kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň dalaşgär görkezmäge, olara garşy durmaga we olaryň islendik birini tankytlamaga hukuklary bardyr.

Ýygnaga gatnaşýanlaryň, konferensiýa, gurultaýa gatnaşýan wekilleriň ýarysyndan köpüsiniň sesini alan dalaşgär saýlanan hasaplanylýar.

25. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ynamy ödemedik topar başlygynyň, kärdeşler arkalaşyklarynyň guramasynyň, komitetiniň başlygynyň we agzalarynyň möhletinden öň saýlawyny kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň 1/3 (üçden biriniň) talaby, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň komitetiniň ýa-da ýokarky guramasynyň karary bilen geçirip bolar.

Şu ýagdaýlarda mesele degişlilikde kärdeşler arkalaşyklarynyň ýygnagynda (konferensiýasynda), onuň saýlawly edaralarynyň mejlisinde çözülýär.

26. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramasynyň we saýlawly edarasynyň ýolbaşçysyny öz haýyşy boýunça wezipesinden boşatmak, işleýän, ýaşaýan ýerini üýtgedenligi we beýleki delilli sebäplere görä kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly edarasy bilen aragatnaşygy ýitiren agzalaryny onuň hataryndan çykarmak, olaryň deregine başgalary saýlamak kärdeşler arkalaşyklarynyň degişli saýlawly edaralarynyň mejlislerinde we guramanyň ýygnagynda (konferensiýasynda) amala aşyrylýar.

27. Kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly guramasynyň agzalarynyň çykyp gitmegi sebäpli, onuň san düzümi ýarpydan köp azalan ýagdaýynda, olaryň agzalarynyň saýlawy möhletinden öň geçirilip bilner.

Aýratyn ýagdaýlarda kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokarky guramasynyň razyçylygy bilen, kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly edaralarynyň agzalaryny saýlawsyz bellemeklige ýol berilýär.

28. Kärdeşler arkalaşyklarynyň saýlawly edaralarynyň agzalaryny degişli derňew toparlarynyň düzümine saýlamak bolmaýar.

29. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ähli guramalarynda we edaralarynda saýlawlar bäş ýylda bir gezek geçirilýär.

Kärdeşler arkalaşyklarynda saýlawlary geçirmek, olaryň möhleti baradaky karary Milli merkeziň Geňeşi kabul edýär.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň toparlarynyň, ilkinji guramalarynyň başlyklary, komitetleri her ýyl öz işleri barada ýygnaklarda (konferensiýalarda) hasabat berýärler.

## V. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalary

30. Guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan, Türkmenistanyň kärhanalarynda, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşen, döredijileri ýa-da eýeleri daşary ýurtly ýuridik ýa-da fiziki şahslar (doly ýa-da kem-käsleýin) bolup durýan kärhanalarda TKA-nyň Tertipnamasyna laýyklykda, kärdeşler arkalaşyklarynyň azyndan 5 agzasy bar bolan halatynda kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalary döredilip bilner.

Okuw mekdeplerinde mugallymlaryň, beýleki işgärleriň, talyplaryň (okuwçylaryň) hataryndan bitewi ilkinji guramalary döredilýär.

Ilkinji guramany döretmek baradaky mesele kärdeşleriň ýygnagynda çözülýär we Milli merkeziň Geňeşiniň bellän tertibinde, kärdeşler arkalaşyklarynyň degişli çäk birleşmesinde pudak boýunça bellige alynýar. Aşgabat şäherinde ilkinji guramalar degişli pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklary tarapyndan bellige alynýarlar.

31. Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň komitetiniň karary bilen guramanyň içinde kärhananyň önümçilik gurluşyna laýyklykda toparlar döredilip bilner.

32. Önümçilik, ylmy-önümçilik birleşmelerinde, konsernlerde, korporasiýalarda we beýleki hojalyk birleşmelerinde, eýeçiligiň görnüşine garamazdan, olaryň gurluş bölümleriniň kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynyň işini utgaşdyrmak üçin kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň başlyklarynyň geňeşi, şeýle hojalyk birleşmeleri bir çäkde ýerleşen ýagdaýynda bolsa, olarda kärdeşler arkalaşyklarynyň komiteti döredilip bilner. Bu baradaky karary Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň Geňeşi kabul edýär we ol şu geňeşler we komitetler hakynda Düzgünnamany hem tassyklaýar.

33. Kärdeşler arkalaşyklarynyň toparynda we ilkinji guramasynda ýygnak (konferensiýa) zerurlyga görä, ýöne azyndan ýylda iki gezek geçirilýär.

34. Gündelik işleri alyp barmak üçin kärdeşler arkalaşyklarynyň ýygnagynda (konferensiýasynda):

- kärdeşler arkalaşyklarynyň toparynda başlyk, onuň orunbasarlary;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň 15-sinden azyny özünde birleşdirýän ilkinji guramada kärdeşler arkalaşyklarynyň başlygy, onuň orunbasary;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň 15-sinden köpüsini özünde birleşdirýän ilkinji guramada kärdeşler arkalaşyklarynyň komiteti, kärdeşler arkalaşyklarynyň komitetiniň başlygy, onuň orunbasary (orunbasarlary) saýlanylýar. Kärdeşler arkalaşyklarynyň komiteti bilen bir wagtda ilkinji guramanyň derňew topary saýlanýar.

35. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramasynyň (komitetiniň) başlygy guramanyň (komitetiniň) işine ýolbaşçylyk edýär, komitetiň mejlisini çagyrýar, olarda başlyklyk edýär, ýygnagyň (konferensiýanyň), kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokarky guramalarynyň kararlarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar, häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, iş berijileriň, jemgyýetçilik guramalarynyň öňünde kärdeşler arkalaşyklarynyň guramasynyň adyndan wekilçilik edýär, şu Tertipnamadan we Türkmenistanyň kanunlaryndan gelip çykýan beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

Kärdeşler arkalaşygynyň komitetiniň mejlisi zerurlyga görä, ýöne azyndan çärýekde bir gezek geçirilýär. Kärhananyň, edaranyň we guramanyň kärdeşler arkalaşygynyň komitetiniň hukuklary hakynda Düzgünnamany Milli merkeziň Geňeşi tassyklaýar.

36. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalary dahylly pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklarynyň Geňeşlerine hem-de kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmelerine hasabatlydyr.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalary:

-kärhanalarda kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goraýar, olaryň syýasy-jemgyýetçilik işjeňligini ýokarlandyrýar, durmuş-ykdysady meseleleri boýunça işgärleriň, talyplaryň we okuwçylaryň adyndan çykyş edýär, bu işlere degişli meýilnamalary işläp taýýarlamaga we kabul etmeklige gatnaşýar;

-zähmetkeşler köpçülikleriniň adyndan iş berijiler bilen duşuşyklary geçirýär we köpçülikleýin şertnamanyň esasy ugurlaryny kesgitleýär;

- iş beriji bilen köpçülikleýin şertnamany baglaşýar, onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

- köpçülikleýin şertnamanyň ýerine ýetirilişi barada iş berijiniň ýa-da onuň wekiliniň we kärdeşler arkalaşyklarynyň komitetiniň hasabatyny diňleýär, zähmet köpçüliginiň öňünde hasabat berýär;

-kärhanada zähmet hakyndaky kanunçylygyň, howpsuz zähmet we önümçilik kadalarynyň, düzgünleriniň we ölçegleriniň berjaý edilişine gözegçilik edýär;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokarky guramalarynyň kararlarynyň ýerine ýetirilişini guraýar;

- Türkmenistanyň kanunçylygyndan, TKA-nyň Tertipnamasyndan we Düzgünnamalaryndan gelip çykýan beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

37. Dolandyryş edarasynyň kärhanalarynyň, guramalarynyň düzüminiň üýtgemegi sebäpli, kärdeşler arkalaşygyna agzalygy üýtgetmek baradaky karary Milli merkeziň Geňeşi kabul edýär.

## VI. Pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklary

38. Türkmenistanyň pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklary (pudaklaýyn arkalaşyk) önümçilik-pudaklaýyn ýörelge boýunça ilkinji guramalaryň teklipleri bilen olaryň Milli merkez tarapyndan çagyrylýan dörediji konferensiýalarynda döredilýär.

Pudaklaýyn arkalaşyklaryň hemmesiniň kesgitli agzalary bolmak bilen, olar Milli merkeziň bellän tertibinde bellige alynýarlar we şu Tertipnama laýyklykda hereket edýärler.

Pudaklaýyn arkalaşyklara umumy ýolbaşçylygy Milli merkez amala aşyrýar.

39. Pudaklaýyn arkalaşyklaryň ilkinji guramalarynyň işini utgaşdyrmak üçin, Milli merkez tarapyndan çagyrylýan konferensiýalarda bu arkalaşyklaryň jemgyýetçilik başlangyçlaryndaky başlyklary hem-de Geňeşleri saýlanylýar. Pudaklaýyn arkalaşyklaryň başlyklary şol bir wagtyň özünde şu Geňeşleriň hem başlyklarydyrlar. Pudaklaýyn arkalaşygyň başlygy Milli merkeziň degişli pudaklaýyn arkalaşygy boýunça utgaşdyryjysynyň wezipesine Milli merkeziň Başlygy tarapyndan bellenilýär.

Geňeşleriň mejlisleri zerurlyk bolanda, ýöne azyndan ýarym ýylda bir gezek geçirilýär.

Pudaklaýyn arkalaşyklaryň Geňeşleri we Milli merkeziň degişli utgaşdyryjylary baradaky Düzgünnamalary Milli merkeziň Geňeşi tassyklaýar.

40. Pudaklaýyn arkalaşygyň gündelik işlerine onuň başlygy – Milli merkeziň utgaşdyryjysy ýolbaşçylyk edýär we buýruk çykarýar. Zerur bolan ýagdaýda, bu buýruklary Milli merkeziň ýolbaşçysy tassyklaýar.

41. Pudaklaýyn arkalaşyk:

- ýurduň kärdeşler arkalaşyklarynyň bitewiligini saklamaga we berkitmäge ýardam edýär, Milli merkeziň işini goldaýar, onuň kabul eden kararlaryny ýerine ýetirýär;

- ministrliklerde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda we iş berijileriň öňünde öz agzalarynyň, pudagyň ähli işgärleriniň bähbitlerine wekilçilik edýär;
- zähmet we zähmeti goramagyň kadalarynyň, düzgünleriniň iş berijiler tarapyndan ýerine ýetirilişine jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrýar;
- ministrlikler, döwlet dolandyryş edaralary bilen pudaklaýyn ylalaşyklary baglaşýar;
- kärhanalarda köpçülikleýin şertnamalaryň baglaşylmagyna we olaryň ýerine ýetirilmegine ýardam berýär;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalaryna hukuk-maslahat, maglumat-usulyýet we beýleki kömekleri berýär;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň okuwyny guraýar, olaryň kämil iş tejribesini ýaýradýar;
- iş berijiler, hojalyk edaralary bilen bilelikde kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalary we olaryň maşgala agzalary üçin sagaldyş, sport we medeni-köpçülik çärelerini geçirýär;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň işgärlerini we işewürlerini höweslendirmek we sylaglamak barada karar kabul edýär.

42. Pudaklaýyn arkalaşyklaryň etrapdaky, şäherdäki,etrap hukukly şäherdäki ilkinji guramalarynyň işini utgaşdyrmak maksady bilen, degişli kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramalarynyň başlyklarynyň geňeşi döredilip bilner.

Geňeşe ýa ilkinji guramalaryň goşýan paýlarynyň hasabyna hak alýan, ýa-da jemgyýetçilik başlangyçlaryndaky başlygy ýolbaşçylyk edýär.

Bu geňeşler hakynda Düzgünnamany Milli merkeziň Geňeşi tassyklaýar.

## VII. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmeleri

43. Kärdeşler arkalaşyklarynyň çäkdäki ilkinji guramalarynyň işini utgaşdyrmak hem-de Milli merkeziň ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmegi üçin, Milli merkeziň Geňeşiniň karary bilen Milli merkeziň degişli çäkdäki wekilçilikli edarasy bolan kärdeşler arkalaşyklarynyň etrap, şäher, etrap hukukly şäher, welaýat birleşmeleri döredilýär.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmeleri hakynda Düzgünnamany Milli merkeziň Geňeşi tassyklaýar.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmeleriniň işine başlyk, onuň ýok wagtynda bolsa başlygyň orunbasary ýolbaşçylyk edýär.

Çäk birleşmesiniň başlygy we onuň orunbasary Milli merkeziň Başlygynyň buýrugy bilen wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

44. Kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmesi kärdeşler arkalaşyklarynyň umumy wezipelerinden we ygtyýarlyklaryndan başga-da:
- ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, iş berijileriň öňünde kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň, ilkinji guramalarynyň we Milli merkeziň bähbitlerine wekilçilik edýär;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalyk tölegleriniň tölenişine, olary geçirmegiň bellenen tertibiniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

- işgärleriň zähmet şertleri, durmuş kepillikleri we ýeňillikleri babatda ýerli häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen hyzmatdaşlygy guraýar we degişli çäk ylalaşyklaryny baglaşýar, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

-kärhanalarda köpçülikleýin şertnamalaryň baglaşylmagyna ýardam berýär, zähmet kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrýar;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň okuwyny guraýar, olaryň kämil iş tejribesini ýaýradýar;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalaryna hukuk-maslahat, maglumat-usulyýet we beýleki kömekleri berýär;

- kärdeşler arkalaşyklarynyň işgärlerini we işewürlerini höweslendirmek we sylaglamak barada karar kabul edýär;

- şu Tertipnama we Milli merkeziň kararlaryna laýyklykda beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

45. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ählihalk sala salşyklara, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryna gatnaşmak, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň umumy ähmiýetli meselelerine garamak üçin kärdeşler arkalaşyklarynyň etrap, şäher, etrap hukukly şäher we welaýat birleşmelerinde kärdeşler arkalaşyklarynyň degişli çäk birleşmeleriniň saýlawly guramanyň hukugyndaky Geňeşleri döredilýär.

Şu Geňeşler hakynda Düzgünnamany Milli merkeziň Geňeşi tassyklaýar.

## VIII. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokary ýolbaşçy edaralary

46. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokary ýolbaşçy edarasy bolan gurultaý Milli merkez tarapyndan bäş ýylda bir gezek çagyrylýar. Gurultaýy çagyrmak we onda garaljak meseleler barada gurultaýa azyndan iki aý galanda habar berilýär.

Milli merkez, zerur bolanda, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň 1/10 (ondan bir) bölegininiň ýazmaça talap etmegi bilen Kärdeşler arkalaşyklarynyň nobatdan daşary gurultaýyny çagyryp biler.

47. Kärdeşler arkalaşyklarynyň gurultaýy:

- Milli merkeziň we Merkezi derňew toparynyň hasabatlaryny diňleýär;

- Kärdeşler arkalaşyklarynyň işiniň ileri tutulýan ugurlaryny we wezipelerini kesgitleýär;

- Milli merkeziň agzalaryny, onuň Başlygyny we Başlygyň orunbasaryny(orunbasarlaryny) saýlaýar;

- TKA-nyň Merkezi derňew toparyny we onuň başlygyny saýlaýar;

- Kärdeşler arkalaşyklarynyň Tertipnamasyny we Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Merkezi derňew topary hakynda Düzgünnamany tassyklaýar;

- Tertipnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizýär. Tertipnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky karar gurultaýa gatnaşýan wekilleriň 3/4 (dörtden üçüsiniň) sesiniň köplügi bilen kabul edilýär.

48. Milli merkez Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýerine ýetiriji saýlawly edarasydyr, kärdeşler arkalaşyklarynyň ähli guramalary we edaralary babatda ýokary ýolbaşçy saýlawly edaradyr.

49. Milli merkez kärdeşler arkalaşyklarynyň umumy wezipelerinden we ygtyýarlyklaryndan başga-da:

- Kärdeşler arkalaşyklarynyň adyndan döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna, iş berijilere kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň, zähmetkeşleriň bähbitlerini berjaý etmek bilen bagly teklipleri girizýär;
- Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda kärdeşler arkalaşyklarynyň ählihalk sala salşyklary geçirmäge, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryna gatnaşmak boýunça işlerini guraýar;
- Kärdeşler arkalaşyklarynyň býujetini döredýär, şeýle hem Milli merkeziň döredýän serişdeler gaznasyny dolandyrýar;
- Milli merkeziň, onuň garamagyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň, çäk birleşmeleriniň girdejileriniň we çykdajylarynyň ýyllyk meýilnamasyny tassyklaýar, olaryň ýerine ýetirilişi barada hasabatlara seredýär;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň komitetleriniň aýlyk zähmet hak alýan başlyklarynyň we buhgalterleriniň wezipesini girizmegi ýa-da başlygyň, buhgalteriň wezipesini ýerine ýetirmek üçin goşmaça hak alýan işgäre (başga işden boşadylmadyk) goşmaça hak tölemegiň möçberini, şeýle hem şu maksatlar üçin kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalyk töleglerini çykdajy etmegiň tertibini kärdeşler arkalaşyklarynyň düzgünnamalaryna laýyklykda kesgitleýär;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň pudaklaýyn we çäk gurluşlaryny döretmegiň, üýtgetmegiň we ýatyrmagyň meselelerini çözýär;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralarynyň, olaryň garamagyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň gurluşyny, işgärleriniň wezipe sanawyny tassyklaýar;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň we edaralarynyň, şeýle hem olaryň garamagyndaky edaralaryň we guramalaryň şu Tertipnama, Türkmenistanyň kanunlaryna garşy gelýän kararlaryny ýatyrýar;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalaryna hukuk-maslahat, maglumat-usulyýet we beýleki kömekleri berýär, umumy arkalaşyk çärelerini geçirýär, kärdeşler arkalaşyklarynyň işewürleriniň we işgärleriniň okuwyny guraýar;
- öz işleri barada kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalaryna we edaralaryna yzygiderli habar berýär;
- zerur bolanda, Milli merkeziň mejlislerinde, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Tertipnamasyna, Maksatnamasyna üýtgetmeler hem goşmaçalar girizýär we soňra gurultaýda tassykladýar;
- şu Tertipnamanyň kadalaryny we düzgünlerini ulanmak boýunça gutarnykly düşündiriş berýär;
- Milli merkeziň metbugat neşirini döredip we çap edip bilýär;
- Kärdeşler arkalaşyklarynyň daşary ýurtlaryň kärdeşler arkalaşyklarynyň merkezleri we kärdeşler arkalaşyklarynyň halkara birleşmeleri bilen özara gatnaşyklary baradaky meselelerine seredýär we olary çözýär;
- şu Tertipnamadan we Kärdeşler arkalaşyklarynyň maksatnamalaryndan, Türkmenistanyň kanunçylygyndan gelip çykýan beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

50. Milli merkez öz mejlisleriniň aralygyndaky döwürde wezipelerini ýerine ýetirmek we işe ýolbaşçylyk etmek üçin, Milli merkeziň Başlygyndan, onuň orunbasaryndan (orunbasarlaryndan) we beýleki agzalaryndan ybarat düzümde öz Geňeşini saýlaýar.

Geňeş Milli merkeziň öňünde hasabatlydyr.

Milli merkeziň Geňeşiniň we edarasynyň iş tertibi Milli merkeziň Geňeşi tarapyndan tassyklanan Düzgünnamada kesgitlenilýär.

51. Geňeşiň agzalarynyň arasynda ol ýa-da beýleki mesele boýunça karar kabul etmäge päsgelçilik döredýän pikir çaprazlygy ýüze çykanda, ol Milli merkeziň mejlisiniň garamagyna berilýär.

52. Milli merkeziň Başlygy Milli merkeziň, onuň Geňeşiniň we edarasynyň işine ýolbaşçylyk edýär. Onuň ýok wagty bu wezipeleri Milli merkeziň Başlygynyň orunbasary ýerine ýetirýär.

Başlyk, onuň orunbasarlary eýeçiligiň görnüşine garamazdan ähli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda Kärdeşler arkalaşyklarynyň hukuklaryna we bähbitlerine wekilçilik edýärler.

53. Gurultaýyň arasyndaky döwürde Milli merkeziň Başlygyny, onuň orunbasarlaryny möhletinden öň işden boşatmak baradaky mesele Milli merkeziň agzalarynyň azyndan 1/3 (üçden biriniň) talaby boýunça goýlup bilner. Milli merkeziň mejlisine gatnaşýan agzalaryň azyndan 2/3 (üçden ikisi) ses beren bolsa, bu baradaky karar kabul edilen hasaplanylýar.

54. Milli merkeziň Başlygyny, onuň orunbasarlaryny öz islegleri boýunça işden boşatmak baradaky karary Milli merkeziň Geňeşi kabul edýär. Şu ýagdaýda olaryň saýlawlary Milli merkeziň mejlisinde geçirilýär.

55. Milli merkeziň mejlisleri onuň Geňeşiniň karary bilen zerur bolanda, ýöne ýylda azyndan bir gezek ýa-da Milli merkeziň agzalarynyň azyndan 1/3 (üçden biriniň) talap etmegi boýunça geçirilýär.

## IX. Kärdeşler arkalaşyklarynyň serişdeleri we emlägi

56. Kärdeşler arkalaşyklarynyň serişdeleri we emlägi öz agzalarynyň giriş we agzalyk töleglerinden, meýletin gatançlardan we haýyr-sahawat serişdelerinden, önümçilik, hojalyk we neşirýat işlerinden girýän girdejilerden we kanun tarapyndan gadagan edilmedik beýleki düşewüntlerden döredilýär.

57. Giriş we agzalyk tölegleri aýlyk zähmet hakynyň, girdejiniň ýüzden bir bölegi möçberinde tölenýär. Kärdeşler arkalaşyklarynyň wagtlaýyn işlemeýän we talyp hak almaýan agzalary agzalyk töleglerinden boşadylýarlar.

58. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalary ýokarky guramalarynyň öz tertipnamalaýyn wezipelerini ýerine ýetirmek üçin alyp barýan işlerine agzalyk tölegleriň umumy jeminden azyndan ýüzden 40 bölegini geçirýärler.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalyk tölegleriniň tölenilişiniň we geçirilişiniň tertibini, şol sanda Milli merkeziň, kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmeleriniň işine geçirilýän serişdeleriň möçberini Milli merkeziň Geňeşi belleýär.

Zerurlyk bolan aýratyn ýagdaýlarda kärdeşler arkalaşyklarynyň uly maksatnamalaryny durmuşa geçirmeklige kärdeşler arkalaşyklarynyň býujetindäki

serişdeleri jemlemek maksady bilen, Milli merkez agzalyk töleglerini geçirmegiň wagtlaýyn tertibine we möçberine täzeden garap biler.

59. Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda kärdeşler arkalaşyklary özlerine degişli emläge we pul serişdelerine eýeçilik edýärler, olary ulanýarlar we olara ygtyýar edýärler.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň emlägi olaryň we olaryň garamagyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ähli enjamlary, serişdeleri we ulag serişdeleri bilen bilelikde hasabynda durýan binalardan we desgalardan ybaratdyr.

60. Kärdeşler arkalaşyklarynyň eýeçiligi bütewidir we bölünmezdir. Oňa eýeçilik etmegiň, ony ulanmagyň we oňa ygtyýar etmegiň tertibini Milli merkez kesgitleýär.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň serişdeleri we emlägi Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulandakydan başga ýagdaýlarda eýeçiliginden alnyp bilinmez.

61. Kärdeşler arkalaşyklary öz Tertipnamasynda göz öňünde tutulan wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde telekeçilik işini alyp barmak üçin niýetlenilen kärhanalary döredip bilerler.

62. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynyň we çäk birleşmeleriniň maliýe işlerine kärdeşler arkalaşyklarynyň degişli derňew toparlary we kärdeşler arkalaşyklarynyň ýokarky edaralarynyň maliýe gulluklary tarapyndan gözegçilik edilýär.

Derňew toparlary öz işlerinde Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Merkezi derňew topary hakynda hem-de kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmeleriniň we ilkinji guramalarynyň derňew toparlary hakynda Düzgünnamalardan ugur alýarlar.

## X. Ýuridik şahs hökmünde kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň we edaralarynyň hukuklary

63. Ýuridik şahs hökmünde kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň we edaralarynyň hukuklary şu Tertipnamadan gelip çykýar.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň Tertipnamasy kanunda göz öňünde tutulan tertipde bellige alynýar.

Şu Tertipnama kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalary, çäk birleşmeleri, pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklary, Milli merkez üçin ýeke-täk kadalaşdyryjy resminamadyr.

64. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, çäk birleşmeleri, ilkinji guramalary we komitetleri, pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklarynyň etrapdaky, şäherdäki ilkinji guramalaryň başlyklarynyň geňeşleri, kärdeşler arkalaşyklarynyň garamagyndaky kärhanalar, edaralar we guramalar ýuridik tarapdyr, olaryň möhürleri, möhürçeleri, burç basmasy, atlary ýazylan iş kagyzlary we banklarda hasaplaşyk hasaplary bardyr.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň, çäk birleşmeleriniň, pudaklaýyn kärdeşler arkalaşyklarynyň Geňeşleriniň, pudaklaýyn

kärdeşler arkalaşyklaryň etrapdaky, şäherdäki ilkinji guramalarynyň başlyklarynyň geňeşleriniň, kärdeşler arkalaşyklarynyň garamagyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ady ýazylan hem-de Tertipnamanyň 6-njy bendinde bellenen Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň emblemasynyň şekili ýerleşdirilen tegelek möhürleri bardyr.

## XI. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň işiniň bes edilmegi

65. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň işi Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň gurultaýynyň karary, Kärdeşler arkalaşyklarynyň çäk birleşmeleriniň işi Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň Geňeşiniň karary, Türkmenistanyň pudaklaýyn kärdeşler arkalaşygynyň işi bolsa onuň konferensiýasynyň karary bilen bes edilip bilner. Gurultaýa we konferensiýa saýlanan wekilleriň azyndan 2/3 (üçden ikisi) gatnaşýan bolsa, kärdeşler arkalaşyklarynyň gurultaýlary, konferensiýalary ygtyýarly hasap edilýär. Ygtyýarly hasap edilen gurultaýa, konferensiýa gatnaşýan wekilleriň azyndan 2/3 (üçden ikisi) ses beren bolsa, karar kabul edilen hasaplanylýar.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň işi bes edilen ýagdaýynda, olaryň serişdeleri we emlägi gurultaýyň kesgitlän maksatlary üçin ulanylýar.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň işi Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda hem bes edilip bilner.

**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň başlygy** **G.G.Baýramowa**

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary 1995-nji ýylyň 28-nji aprelinde Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döwlet bellige alyndy.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň üýtgetmeler girizilen Tertipnamasy 2014-nji ýylyň 24-nji iýulynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alyndy.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň üýtgetmeler girizilen Tertipnamasy 2018-nji ýylyň 2-nji fewralynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döwlet belligine alyndy we oňa bellige alnandygy barada 0033 belgili şahadatnama berildi.

16 (on alty) sahypa bagjyklanan we möhür bilen berkidilen.

Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň
Halkara-hukuk gatnaşyklary
müdirliginiň başlygynyň w.w.ýe.ýe. M.Hanow

TÜRKMENISTANYŇ ADALAT MINISTRLIGI
MINISTRY OF JUSTICE OF TURKMENISTAN

SAHYPA BELGILENDI
WE BAGLYKLANDY

RESMINAMALAR
ÜÇIN